# Ata-enä, garyndaşa (dogana, kaka, ejä, uýa, ýeňňä) bagyşlanan läleler.

– A –

**Agam münüp ýorgany,**
**Bazar gitdi durmany,**
**Almamydyr, narmydyr**
**Gelnejemiň sargany.**

* * *

**Agam şeýda bilbildir,**
**Gelnejem gyzyl güldür,**
**Gülden aýrylsa bilbil**
**Arzuwlary hyýaldyr.**

* * *

**Agam meniň begzada,**
**Gelnejem perizad-a,**
**Ikiňizden dogan ogul**
**Bolsun ile şazada.**

* * *

**Agaja mündüm, agaja,**
**Bir guş tutdum alaja,**
**Dogan bir gyz söýüpdir**
**Gözi-gaşy garaja.**

* * *

**Agam atyň boz bolsun,**
**Ýüklän ýüküň hoz bolsun,**
**Eýläk-beýläk geçeňde**
**Oýnaşanyň gyz bolsun.**

* * *

**Agam ýigrim bäşinde,**
**Gelin-gyzlar daşynda,**
**Ýör, gelneje, gaýdaly**
**Garaşar guýyň başynda.**

* * *

**Agam maňa nar getir,**
**Bagymyzdan bar[1] getir,**
**El degmedik ýaglykda**
**Gün degmedik gar getir.**

* * *

**Agam maňa nar getir,**
**Ysy başga ýeňňe jan!**
**Agam çalan tüýdügniň**
**Sesi başga ýeňňe jan!**

---

**[1] Bar — miwe.**

* * *

**Agam ýaşyň ýaş bolsun,**
**Ýaşyň ýüzden daş bolsun,**
**Saýlap alan gözeliň**
**Ömürlik ýoldaş bolsun.**

* * *

**Agaç agaja bakar,**
**Arasyndan suw akar,**
**Meniň didäm[2] Atamyrat**
**Döşüne nyşan dakar.**

* * *

**Agşam gördüm bir düýşi,**
**Oýandyrdym boýdaşy,**
**Agamyň aljak gyzy**
**Saldyrsyn akja dişi.**

* * *

**Aý aýdyňdyr ýagtydyr,**
**Gyzlar oýnar wagtydyr,**
**Ýör, gelneje, gaýdaly**
**Didäm geler wagtydyr.**

* * *

**Aý dogar ýyldyz bilen,**
**Kebap bişer duz bilen,**
**Meniň armanly didäm**
**Oýnaşmazmy gyz bilen.**

* * *

**Aý dogupdyr diýdiler,**
**Aýlanypdyr diýdiler,**
**Meniň körpe doganym**
**Öýlenipdir diýdiler.**

* * *

**Aý dogar herli-herli,**
**Gapymyz goşa nerli,**
**Meniň didäm aý Juma,**
**Gelniň goşa tumarly.**

* * *

**Aý dogar ýokar galkar,**
**Ýüzünden hünji sarkar,**
**Meň doganym ýaşajyk**
**Gije gezmäge gorkar.**

* * *

**Aýlam-aýlam guşagyň,**
**Aýlanmasa nädeýin!**

---

[2] **Dide — bu ýerde dogan manysynda,dogan gara göze deňelýär.**

**Çynar boýly jan dogan**
**Öýlenmese nädeýin!**

* * *

**Aýlandy-ha, aýlandy,**
**Gelin-gyzlar şaýlandy,**
**Meniň agam şol ýigit**
**Wekillige saýlandy.**

* * *

**Aýym meniň aýymdyr,**
**Eden işim gaýmadyr,**
**Meniň eziz doganmyň**
**Bil guşagy öýmedir.**

* * *

**Akar suwlar aýlanar,**
**Çölde keýik awlanar,**
**Gelnejem jan agamyň**
**Gujagynda towlanar.**

* * *

**Akgalanyň düýbi daş,**
**Gitme dogan, başyň ýaş,**
**Serpil, dogan yzyňa**
**Garap galdy galamgaş.**

* * *

**Akgalanyň ýollary,**
**Domalandyr[3] gollary,**
**Didäm orak oranda**
**Agyrmasyn billeri.**

* * *

**Akgalanyň şemaly,**
**Aýlanýa-la, ýeňňe jan!**
**Körpe dogan Myrat jan**
**Öýlenýä-le, ýeňňe jan!**

* * *

**Ak manad-a, ak manat,**
**Ak manadym amanat,**
**Uçup barýan ak guşlar!**
**Öz agama salam aýt.**

* * *

**Akgalanyň aşagy,**
**Ejem düşän düşegi,**
**Atam gitdi gelmedi**
**Men enemiň köşegi.**

---

[3] **Domalan — kömelek ýaly ýeriň aşagynda bitýän iýmit. Ýagyşly ýyllarda, ylaýta-da ýylky ýylynda domalan köp bolýar.**

* * *

**Akyşar-a akyşar,**
**Gyzyl daşlar çakyşar,**
**Meniň joram Akjagül**
**Gelip darak kakyşar.**

* * *

**Ala gar-a, ala gar,**
**Ala kürtäň ýeňi dar,**
**Meniň eziz doganma**
**Gözel gyzlar hyrydar.**

* * *

**Ala dagyň arçasy,**
**Mawut-begres parçasy,**
**Atam-enem gül bolsa**
**Men olaryň gunçasy.**

* * *

**Almanyň agyna bak,**
**Sagadyň bagyna bak,**
**Agamy görjek diýseň,**
**Balkanyň dagyna bak!**

* * *

**Araba hatar-hatar,**
**Zynjyry suwa batar,**
**Agam ýadap gelende**
**Gelnejem habar gatar.**

* * *

**Asmanda Aý gelneje,**
**Jennetde jaý gelneje,**
**Asmanyň şirin suwy**
**Gürgende çaý gelneje.**

* * *

**Atymyz kişňäp gelýär,**
**Uýanyn dişläp gelýär,**
**Meniň körpe doganym**
**Toý başyn başlap gelýär.**

* * *

**Aşgabadyň ýollary,**
**Sagy bilen sollary,**
**Meň gelnejem işeňňir**
**Çermelgidir gollary.**

* * *

**Aşgabadyň ýoluna,**
**Hem sagyna-soluna,**
**Men bir sesli jaň bolsam**
**Didämiň gollaryna.**

**Baga bar-da injir al,**
**Sagadyňa zynjyr al,**
**Öz doganym Didar jan**
**Öýe bar-da, dynjyň al.**

* * *

**Baglaryň bary menem,**
**Daglaryň gary menem,**
**Dogan, düşdüm ýat oba**
**Didaryň zary menem.**

* * *

**Baglaryň başy yrga,**
**Doganym müner ýorga,**
**Çyk, içerden gelneje**
**Doganma ýaglyk sarga.**

* * *

**Baga girene gurban,**
**Alma tirene gurban,**
**Agam saňa aşyk boldy**
**Seni görene gurban.**

* * *

**Baýyrlaryň etegi,**
**Goýun-guzy ýatagy,**
**El degende ýelpildär**
**Öz didämiň telpegi.**

* * *

**Bal damar bajagynda,**
**Ýag döker bujagynda,**
**Hemişe aş bişýändir**
**Didämiň ojagynda.**

* * *

**Bal didäm-ä, bal didäm,**
**Hemme zady bil didäm,**
**Töwerekden haýyr ýok**
**Özüň bolsaň bor didäm.**

* * *

**Balkanyň akja gary,**
**Suw degse bolar sary,**
**Hol barýany sorasaň**
**Agamyň söwer ýary.**

* * *

**Bardym çeşme başyna,**
**Garaşdym deň-duşuma,**

**Elimde öýme ýaglyk**
**Gönderdim gardaşyma.**

* * *

**Barsam daýym ýanyna,**
**Derman etsin janyma,**
**Ady ýiten ganymlar**
**Galdy halkyň ganyna.**

* * *

**Beýik daglar başynda,**
**Perişdeler daşynda,**
**Aýlan, aýlan gelneje,**
**Didäm janyň daşynda.**

* * *

**Biziň obaň illeri,**
**Tikenlidir gülleri,Ýeňňem suwa gidende**
**Agyrmasyn billeri.**

* * *

**Bir almany dişledim,**
**Daşyny kümüşledim,**
**Agam geldi bermedimÝeňňeme bagyşladym.**

* * *

**Boz atym boza meňzär,**
**Boýny şabaza meňzär,**
**Dogan gelýär diýseler**
**Gyş günüm ýaza meňzär.**

* * *

**Bökejen[4] köwüş aýakda,**
**Peleň telpek çekgede,**
**Meniň didäm şol oglan**
**Suw tutup ýör bakjada.**

* * *

**Bu baglar biziň bolsun,**
**Miwesi üzüm bolsun,**
**Agamyň, gelnejemiň**
**Gül ömri uzyn bolsun.**

* * *

**Bu daglaryň daşy bar,**
**Akja garly başy bar,**
**Agam söweşden gaýtdy**
**Ýanynyň ýoldaşy bar.**

* * *

**Bu gün howa ümürdir,**
**Ýakan odum kömürdir,**

---

**[4] Bökejen – ökjesi beýik köwüş.**

**Ýat illeriň içinde**
**Daýym ogly höwürdir.**

– Ç –

**Çaý daşy çakmak daşy,**
**Altyn eýeriň gaşy,**
**Bedew atly geçip giden**
**Öz didämiň ýoldaşy.**

* * *

**Çeşmelerden suw akar,**
**Didäm atyny ýakar,**
**Obamyzyň gyzlary**
**Didäme gülüp bakar.**

* * *

**Çölde sazak burular,**
**Düýbüne suw durular,**
**Daşa giden doganym**
**Seniň boýnuň burular.**

* * *

**Çöllerde baýlar maly,**
**Ak ýüzde goşa haly,**
**Agamyň söwer ýary**
**Saňadyr dünýe maly.**

* * *

**Çykdym çynar boýladym,**
**Öýme ýaglyk oýnadym,**
**Ähli küren[5] içinde**
**Öz didämi saýladym.**

* * *

**Çykdym galany gördüm,**
**Gawun alany gördüm,**
**Topbak gyzlaň içinde**
**Sülgün, Sonany gördüm.**

* * *

**Çykdym çynar başyna,**
**Oturdym güneşine,**
**Her elimde bir ýaglyk**
**Gönderdim deň-duşuma.**

* * *

**Çykdym Aýa bakmaga,**
**Haly-palas kakmaga,**
**Elimde doga bagy**
**Dogan atyna dakmaga.**

---

[5] **Küren – giden uly oba, gür ilatly oba, köp öýli oba.**

* * *

**Çykdym dagyň pesdine,**
**Dogan gördüm dessine,**
**Dogan orak orynça**
**Saýa bolsam üstüne**

– D –

**Dag düýbünde ýorunja,**
**Gülün çeker garynja,**
**Söwdagär agam gelýär**
**Çek juwazyň, gelneje!**

* * *

**Dag başynda biten ot,**
**Ony iýmez her bir at,**
**Boýny jaňly bedew at**
**Öz didäme ýaraşar.**

* * *

**Dagda dalan yzy bar,**
**Gyşda gulan yzy bar,**
**Körpe dogan öýünde**
**Gyzyl gülüň ysy bar.**

* * *

**Daglar başy ala gar,**
**Ala köýnek ýeňi dar,**
**Meniň didäm Hangeldi**
**Owadan gyza hyrydar.**

* * *

**Daglaryň gary menem,**
**Baglaryň nary menem,**
**Dogan düşdüm paýtagta**
**Seň didaryň zary men.**

* * *

**Daň ýyldyz-a, daň ýyldyz,**
**Hudaýa ýalbar ýyldyz,**
**Sapara giden agam jan**
**Aman gelsin, daň ýyldyz.**[6]

* * *

**Degirmen boş aýlanar,**
**Suwy serhoş aýlanar,**
**Dogan öýme guşagyň**
**Biliňe bäş aýlanar.**

---

[6] **Şu bendiň:**

**Daňdan dogan daň ýyldyz,**
**Hudaýa ýalbar ýyldyz,**
**Esger bolan doganym,**
**Sag-aman gelsin ýyldyz – diýen nusgasy hem bar.**

* * *

**Depe depeden beýik,**
**Depeden inen keýik,**
**Mergen dogan Ýaran jan**
**Her elinde bir keýik.**

* * *

**Depe depeden beýik,**
**Depeden inen keýik,**
**On barmakda on ýüzük**
**O-da dogana seýik.**

* * *

**Depä çykasym gelýär,**
**Läle kakasym gelýär,**
**Desse boýly gelnejem**
**Saňa bakasym gelýär.**

* * *

**Depä çykdym, oturdym,**
**Aý halkamy ýitirdim,**
**Agamyň sowgadyny**
**Gelnejeme ýetirdim.**

* * *

**Depämizde bir guş bar,**
**Ganatynda kümüş bar,**
**Öz didämiň dükanynda**
**Dürli-dürli iýmiş bar.**

* * *

**Derýa gitdim geçmäge,**
**Oturdym suw içmäge,**
**Jan dogandan hat gelse**
**Ganatym ýok uçmaga.**

* * *

**Didäm atyň naly bar,**
**Desse ýüpek haly bar,**
**Didäm maňa guwanma**
**Her kesiň öz ýoly bar.**

* * *

**Didäm gelýär ekinden,**
**Sagdagyndan, okundan,**
**Nä bildiňiz şirindigin**
**Datdyňyzmy kokundan.**

* * *

**Didäm atyň oýnatma,**
**Çek, jylawyn çeýnetme,**
**Uzak ýere gideňde**
**Ýara gözüň oýnatma.**

* * *

**Dogan atyň ýaş bolsun,**
**Münen atyň guş bolsun,**
**Ýat illere gideňde**
**Pygamber ýoldaş bolsun.**

* * *

**Dogan, atyň üç ýaşar,**
**Derýalar dolup daşar,**
**Men-ä seni görmesem**
**Gözlerimden ýaş akar.**

* * *

**Doganymyň aty bar,**
**Atynyň ganaty bar,**
**Kynçylygy ýeňmäge**
**Tükenmez gaýraty bar.**

* * *

**Doganymyň aty bar,**
**Elinde sowgaty bar,**
**Deň-duşlarnyň içinde**
**Saz bilen söhbeti bar.**

* * *

**Dokma dokasym gelýär,**
**Läle kakasym gelýär,**
**Akjagül joram bilen**
**Oýnap-bökesim gelýär.**

* * *

**Donlary sim-u zerli,**
**Şaý-sepi dürli-dürli,**
**Meniň agamyň gelni**
**Gelýär goşa tumarly.**

* * *

**Dor bedew kişňäp gelýär,**
**Uýanyn dişläp gelýär,**
**Meniň körpe doganym**
**Toý başyn başlap gelýär.**

* * *

**Düýe gelýär ýataga,**
**Boýny doly otaga,**
**Sallanyp gel, gelneje**
**Agam saňa sadaga.**

* * *

**Düýeler gelýär hatar,**
**Owsary suwa batar,**
**Agam çykar daňmagaÝeňňem çykar sagmaga.**

* * *

**Düýp-düýp gamyşlar,**
**Döwülmeseň nädeýin,**
**Sary donly eý, dünýäm**
**Öýlenmeseň nädeýin!**

* * *

**Däli derýamyz Etrek,**
**Töwerekde ak derek,**
**Hywadan gelen sowgat**
**Aýna bilen başdarak,**

– E –

**Eý, dogan-a, eý dogan,**
**Mawut donuň geý, dogan,**
**Eýläk-beýläk geçende**
**Meň joramy gör, dogan.**

* * *

**Eýjejig-ä, eýjejik,**
**Gül ýoldum, bir eýjejik,**
**Didämiň alan gyzy**
**Uzyn boýly inçejik.**

* * *

**Ekin ekdim garabaş,**
**Akbaş bilen aralaş,**
**Meniň bir doganym bar**
**Uzyn boýly, galam gaş.**

* * *

**Ekin ekdim uşajyk,**
**Bogunlary gowşajyk,**
**Didäm bir gyz söýüpdir**
**Gyzyl gül dek ýumşajyk.**

* * *

**Ekin ekildi galdy,**
**Jülge söküldi galdy,**
**Dagdan aşan joramyň**
**Bili büküldi galdy.**

* * *

**Elek-elek elener,**
**Oba gaýrak saýlanar,**
**Meniň joram Aknabat**
**Ýaşyl kürtä dolanar.**
**Bahasyny beräli.**

* * *

**El ýaglygym kirläpdir,**
**Gökje otlar derläpdir,**

**Meniň eziz doganym**
**Gözel gyzy belläpdir.**

* * *

**Ertir gördüm gargany,**
**Dogan çapar ýorgany,**
**Alma bilen nar getir**
**Gelnejemiň sargany.**

* * *

**Esengulyň ýolunda,**
**Ekin ekdim, bitmedi,**
**Goşuna giden agama**
**Salam aýtdym ýetmedi.**

– G –

**Gaýra-gaýra bakar men,**
**Dokma darak kakar men,**
**Jan joramy görmesem**
**Eräp-eräp akar men.**

* * *

**Gaýrada maýa bozlar,**
**Maýa köşegin gözlär,**
**Meň doganym Nury jan**
**Keten köýnek ýar gözlär.**

* * *

**Gaýradan Aly gelýär,**
**Dünýäniň maly gelýär,**
**Öňünden çyk gelneje,**
**Sowgady haly gelýär.**

* * *

**Gaýradan atly gelýär,**
**Telpegi hatly gelýär,**
**Meniň körpe doganym**
**Ýany sowgatly gelýär.**

* * *

**Gaýradan gelýän inerler,**
**Üsti doly ganarlar,**
**Didämi gören gyzlar**
**Suwsuzlykdan ga:narlar.**

* * *

**Gaýradan-a gaýradan,**
**Göwnüm gitmez gaýradan,**
**Şo ýanda doganym bar**
**Dutaryny saýradan.**

* * *

**Gaýradan biri gelýär,**
**Gözümiň nury gelýär,**
**Gyrmyz donly gyr atlyÝeňňemiň ýary gelýär.**

* * *

**Gaýraky ýabyň sakasy,**
**Keten köýnek ýakasy,**
**Meniň eziz doganym**
**Bäş oglanyň kakasy.**

* * *

**Gaýramyzyň beýigi,**
**Bökjekleşer keýigi,**
**Gassabanyň[7] beýigi**
**Gelnejeme ýaraşar.**

* * *

**Gaýramyz derek-derek,**
**Güller açylsa gerek,**
**Didämiň söwer ýary**
**Saýrap açylsa gerek.**

* * *

**Gapymyzda kejebe,**
**«Un sep» diýdim ejeme,**
**Bela-beter degmesin**
**Agama, gelnejeme.**

* * *

**Gapymyzda tut ekdik,**
**Tudumyz suwa ýakdyk,**
**«Eziz joram geler» diýp,**
**Gözümiz ýola dikdik.**

* * *

**Gara-gara gyş gelýär,**
**Garry maýa boş gelýär,**
**Meniň ejem Enegül**
**Sesiň ýaman daş gelýär.**

* * *

**Garadyr galam gaşyň,**
**Palawdyr iýjek aşyň,**
**Gaýgy etme gelneje,**
**Söwdagärdir ýoldaşyň.**

* * *

**Garaja at kişňäp gelýär,**
**Uýanyn dişläp gelýär,**
**Meniň eziz doganym**
**Toý başyn başlap gelýär.**

---

[7] **Gassaba — käbir ýerlerde durmuşa çykýan gyzyň başyna geýýän börügi.**

* * *

Gargalar gagyldaşar,
Bäbekler jägildeşer,
Doganma geljek gyzyň
Tumary[8] şaňňyrdaşar.

* * *

Gaýalar gaňragynda,
Hynasy barmagynda,
Didäm bir gyz söýüpdir
Janahyr[9] aýlagynda.

* * *

Gaýalar gaýasynda,
Daglaryň saýasynda,
Meniň didäm dynç alar
Gülleriň arasynda.

* * *

Gaýalar derek-derek,
Güller açylsa gerek,
Didämiň söwer ýary
Oň ugrunda janserek.

* * *

Gel dogan-a, gel dogan,
Bakma goýun, gel dogan,
Geler wagtyň bilmesek
Habar ýetirgin dogan!

* * *

Gelnejemiň gelşini,
Agam janyň bolşuny,
Gelnejemi görende
Mylakatly bolşuny.

* * *

Gelnejemi görüp dur,
Garçyn-çuwal gerip dur,
Garçyn-çuwal içinde
Bukjasyny serip dur.

* * *

Gelneje jan araýy,
Geýer gyzyl daraýy,
Ýada giden baldyzyň
Senden gözlär haraýy.

* * *

Gelnejem gelýär yranyp,

[8] Tumar — aýal-gyzlaryň dakynýan togalajyk süýnmek bezeg şaýy.
[9] Janahyr — Balkan welaýatynyň Serdar etrabynda bir obanyň ady.

**Mahmal dona bürenip,**
**Gelnejemiň yşgyndan**
**Agam gelýär zeýrenip.**

* * *

**Gelneje, saçyň sarymy,**
**Tamdyranyň tarymy,**
**Bilmez iller sorasa,**
**Meniň agam ýarymy?**

* * *

**Gelneje jan, tursana,**
**Degirmeniň gursana,**
**Söwer ýaryň ajykdy**
**Birje kömeç[10] bersene.**

* * *

**Gelnejem kakar läläni,**
**Egnine geýer alany,**
**Obamyzyň gözeli**
**Öz doganymyň halany.**

* * *

**Gelnejemiň elleri,**
**Inçe, näzik billeri,**
**Meniň eziz gelnejem**
**Täze bagyň gülleri.**

* * *

**Gelnejem-ä sallanar,**
**Sallananda bellener,**
**Öz agamy görmese**
**Gabaklary ýellener.**

* * *

**Gelnejem-ä ýaşynda,**
**Ýaşyl öýme başynda,**
**Körpe dogan Serdar jan**
**Perwanadyr daşynda.**

* * *

**Gelnejem-ä ot ýakar,**
**Ot üstünde et kakar,**
**Meniň dokan halyma**
**Guwanar, läle kakar.**

* * *

**Gelnejem-ä oýunda,**
**Gursakçasy boýunda,**
**Aý ýüzüni göreli**
**Öz agama bereli.**

---

[10] **Kömeç — döwlen et ýa-da jigirdek salnyp bişirilen çörek, ýagly gömme çörek.**

* * *

**Gelnejem-ä sarydyr,**
**Sary ýagdan durudyr,**
**Il näme diýse diýsin**
**Öz agamyň ýarydyr.**

* * *

**Gelnejem-ä süzüler,**
**Zülpüne kümüş düzüler,**
**Aý ýüzüni göreniň**
**Içi-bagry üzüler.**

* * *

**Gelnejem-ä enaýy,**
**Ýüzi-gözi daraýy,**
**Galdyr, ýüzüň göreli**
**Gülap suwun bereli.**

* * *

**Gelnejem-ä araýy,**
**Geýen dony daraýy,**
**Böwürsleniň ýapragy**
**Oldur asmanyň Aýy.**

* * *

**Gelnejem jan näz eder,**
**Agam göwnün ýaz eder,**
**Myrat janyň toýunda**
**Dutar, gyjak saz eder.**

* * *

**Gelneje jan, gelsene,**
**Akja köwşüň geýsene,**
**Öýdäki myhmanlara**
**Çaý gaýnadyp bersene.**

* * *

**Gelneje jan, oturma,**
**Eliňe ýüzük ötürme,**
**Öz didämi göreňde**
**Akyl-huşuň ýitirme.**

* * *

**Gelneje jan, gelsene,**
**Garçyn-çuwal gersene,**
**Garçyn-çuwal öňünde**
**Ogul bäbek söýsene.**

* * *

**Gelneje jan, sallanma,**
**Iller saňa haýrandyr.**
**Seniň alma ýaňagňa**
**Janym didäm haýrandyr.**

* * *

**Gelnejem goýun sagar,**
**Altyn zülpüni bogar,**
**Alla berdi myradynÝedi ýerden nur dogar.**

* * *

**Goýun gelýär guzy bilen,**
**Ak ýapynyň ýüzi bilen,**
**Sür, döwrany gelneje**
**Agamyň özi bilen.**

* * *

**Gözenekden suw akar,**
**Sübse başyn ýel kakar,**
**Gyrmyz donly doganym**
**Gelnejeme gül dakar.**

* * *

**Gökde bulut bolmazmy?**
**Atlas köýnek solmazmy?**
**Ýalňyz ýeke doganym**
**Seni görmek bolmazmy?**

* * *

**Gülleriň agymydyr,**
**Ýüregmiň ýagymydyr,**
**Telpegin towsa geýen**
**Arkamyň dagymydyr?**

* * *

**Gülli gel-ä, gülli gel,**
**Güneşlide[11] belli gel,**
**Gelnejemi isleseň**
**Jübiň doly pully gel.**

* * *

**Gün dogar-a, gün dogar,**
**Her günde ýagyn ýagar,**
**Didämi taryp etsem**
**Tarypy başdan agar.**

* * *

**Gün ýaşanda şaýlanar,**
**Aý doganda aýlanar,**
**Meniň körpe doganym**
**Gözel gyza öýlener.**

* * *

**Gyz ýagşysyn ýat alar,**
**Alyp zyndana salar,**
**Didämi gören gyzyň**

[11] **Güneşli – Abadan şäherinde bir obanyň ady.**

**Akyly haýran galar.**

* * *

**Gyzlaryň otagasy,**
**Agamyň bag-bakjasy,**
**Gelnejem gyzyl güldür**
**Agam oň sadagasy.**

– H –

**Haýat doly ýorunja,**
**Gülün çürter garynja,**
**Çek gelneje çyrpyňy**
**Çyrmaşmasyn ýorunja.**

* * *

**Howamyz ýelli bolar,**
**Bagymyz gülli bolar,**
**Ol barýan gelnejem,**
**Ýörände belli bolar.**

* * *

**Howlymyzyň kilidi,**
**Aýlanýar-la, gelneje!**
**Bize gelen gelin-gyz,**
**Şaýlanýar-la, gelneje!**

* * *

**Hol barýar-a, hol barýar,**
**Ýaşmakly gelin barýar,**
**Akar ýabyň boýunda**
**Öz didäme ýalbarýar.**

– I –

**Iki-ikimiz dört bolar,**
**Ajy zatlar öt bolar,**
**Doganym gyz getirse,**
**Gamgyn göwnüm şat bolar.**

* * *

**Ilerde Ülker didäm,**
**Telpegin silker didäm,**
**Ozal habar etmeseň,**
**Gül ýaryň gorkar didäm.**

* * *

**Ilerde hurma didäm,**
**Boýnuňy burma didäm,**
**Hatlar ýazyp goýbersem**
**Ýaýdanyp durma, didäm.**

* * *

**Ilerde uzyn bazar,**
**Içinde didäm gezer,**
**Eli döwet galamly**
**Derdime doga ýazar.**

* * *

**Ilerde top gamyşlar,**
**Içinde toty guşlar,**
**Men didämi ýitirdim**
**Habar beriň, deň-duşlar.**

* * *

**Ilerimiz ýowşandyr,**
**Owlak-guzy emşendir,**
**Öz doganym öýlenýär**
**Öz ýaryna gowşandyr.**

* * *

**Ilerimiz künji-künji,**
**Gelnejemiň dili süýji,**
**Jan agamyň göz guwanjy**
**Sallanaweri, gelneje.**

* * *

**Ilerimiz gamyş-gamyş,**
**Gelnejemiň alny kümüş,**
**Uz basar, seýkin ýörär**
**Aýagynda gyrmaköwüş[12].**

* * *

**Ilerimiz küren-küren,**
**Ýakasyna tylla düzen,**
**Sallanaweri, gelneje**
**Gaşyn kakyp, gözün süzen.**

* * *

**Ilerimiz ala gar,**
**Ýaşyl kürtäň ýeňi dar,**
**Öz agamyň halannyň**
**Ak ýüzünde meňi bar.**

* * *

**Ilerimiz top gamyş,**
**Toplanmasa nädeýin?**
**Sary gulpak doganym**
**Seplenmese nädeýin?**

* * *

**Ilerimiz bozagan,**
**Itler oba çozagan,**

---

**[12] Gyrmaköwüş – galyň gaýyşdan tikilen apgyrtsyz, beýik ökjeli we burny ýasy türkmen köwşi.**

**Meniň eziz doganym**
**Gelnejeme degegen.**

* * *

**Ilerimiz dagmydyr,**
**Üsti kese bagmydyr,**
**Gaýradan gelen guşlar**
**Daýym-daýzam sagmydyr.**

* * *

**Inçe işdim ýüpegi,**
**Didäm geýer çepegi,**
**Didäm bir gyz söýüpdir**
**Ýüzi aýnaň gapagy.**

* * *

**Inçe egriň ýüplügi,**
**Didämiň köýnekligi,**
**Didäm bir gyz söýüpdir**
**Gök sonar käkiligi.**

* * *

**Ir öýlän hem ikindi,**
**Gyzlar köýnek tikindi,**
**Meň didämi görende**
**Gyz barysy silkindi.**

* * *

**Işigiňde şa derek,**
**Şaglap dur-la, ýeňňe jan!**
**Aşagynda agam jan**
**Çyrlap[13] dur-la, ýeňňe jan!**

* * *

**Işigmizde minara,**
**Elde ýaglyk kenara,**
**Gitseň-de aman gelgin**
**Boýuň meňzär çynara.**

– K –

**Kakam, kakam, bal kakam,**
**Suwa düşdi gülýakam,**
**Täzeden birin ýasat**
**Boş galdy-la, şu ýakam.**

* * *

**Kakam gelýär eşekli,**
**Bili tirme guşakly,**
**Käse ýuwdum, çaý goýdum**
**Ýany şeker, erikli.**

---

[13] **Çyrlamak – çagyrmak.**

* * *

**Kakam keýik getirdi,**
**Şahy beýik getirdi,**
**Şahy beýgiň üstünde**
**Jüýjeli towuk oturdy.**

* * *

**Kenaryň ýakasynda,**
**Ördek bilen gaz oýnar.**
**Öz doganmyň toýunda**
**Ýigit bilen gyz oýnar.**

* * *

**Kiçijik aty çaparlar,**
**Üstüne mahmal ýaparlar,**
**Körpe dogan Baýram jan**
**Saňa-da birin taparlar.**

* * *

**Köçeden-ä, köçeden,**
**Dogan gelýär köçeden,**
**Doganyma çaý beriň**
**Gulpy kümüş tüňçeden.**

* * *

**Kümüş sarmak[14] elinde,**
**Tirme guşak bilinde,**
**Agamyň söwer ýary**
**Ulus iliň dilinde.**

– L –

**Läle kakar läläni,**
**Egnine geýer alany,**
**Öz agamyň halany**
**Gülüp geler ýanyna.**

* * *

**Läläni kakmak bilen,**
**Gaýany ýykmak bilen,**
**Meniň eziz doganym**
**Atyny ýakmak bilen.**

– M –

**Meniň agam syratly,**
**Görogly dek Gyratly,**
**Esgerleriň içinde**
**Gahrymandyr gaýratly.**

---

[14] **Sarmak – ýüwse, oýmak.**

* * *

**Meniň agam bilimli,**
**Duly haly-kilimli,**
**Her kim şoňa at daksa**
**Günälidir, ölümli.**

* * *

**Meniň akylly didäm,**
**Örän şekilli didäm,**
**Geýinip öýden çyksa**
**Soltan şekilli didäm.**

* * *

**Meniň agam araýy,**
**Gök sellesi daraýy,**
**Söweş güni ýigitler**
**Ondan gözlär haraýy.**

* * *

**Meniň agam tursady,**
**Okun-ýaýyn gursady,**
**Ýat ýerlere düşüp men**
**Gelip halym sorsady.**

* * *

**Münen atyň howaýy,**
**Egniňdäki daraýy,**
**Jandan eziz doganmyň**
**Salany köşk saraýy.**

* * *

**Münülmedik Gyratyň,**
**Gupbasy men, aý, dogan!**
**Açylmadyk ak öýüň**
**Gabsasy men, aý, dogan!**

– N –

**Nagşyň gowsy «guşganat»,**
**Guşlar gonsun üstüne.**
**Meniň ýüregim gysýarÝeňňem gelsin dessine.**

* * *

**Nowruz aýy doganda,**
**Ýagyş, ýagmyr ýaganda,Ýeňňeme göwnüm ýetdi**
**Gaýşaryp maýa saganda.**

– O –

**Obamyzyň burjy[15] men,**

[15] **Burç (buru:j) — 1) diň, minara, 2) aý;**

**Içinde nar-genji men,
Güler ýüzli ýeňňemiň
Boýnundaky hünji men.**

* * *

**Ok atdym saýa düşdi,
Saýdan sonalar uçdy,
Sona boýly, jan uýam
Şonda ýadyma düşdi.**

* * *

**Ol görünýän dagmydyr,
Üsti gülli bagmydyr,
Sorag-ideg edeýin
Gelnejem amanmydyr?**

* * *

**Ol barýan Nurlymydy?
Ýollary dogrumydy?
Silkme telpek, gök balak
Jan agam oglumydy?**

* * *

**Ot berer çakmak daşy,
Akdyr eýeriň gaşy,
Alty bilbil saýraşar
Gelnejemiň ýoldaşy.**

* * *

**Otly gelýär syzdyryp,
Demirýolny gyzdyryp,
Agam gelýär gelneje
Ýatma gözüň süzdürip.**

* * *

**Otur, otur, gelneje,
Turup, otur, gelneje,
Jan agamyň duluny
Tutup otyr, gelneje.**

– Ö –

**Öz öýmüziň güli men,
Sazly sandyk dili men,
Jandan eziz doganyň
Gapysynyň guly men.**

* * *

**Ördek bolsam sillerde,
Laçyn bolsam çöllerde,
Seni sorap, jan didäm
Kerwen bolsam ýollarda.**

**Sakar atym böküp dur,**
**Art aýagyn kakyp dur,**
**Gelnejemiň suraty**
**Öz dünýäme bakyp dur.**

* * *

**Sapar giden doganmyň,**
**Sowgady başga gelneje,**
**Mahmal biçen elleriň**
**Mawudy başga gelneje.**

* * *

**Sary gawun bişipdir,**
**Sapagyndan düşüpdir,**
**Meniň joram aý, gyzlar**
**Ýat illere düşüpdir.**

* * *

**Sary gawun paçagy,**
**Ýakamdaky goçagy,**
**Meniň daýzam Bibigül**
**Gülli öýmäň seçegi.**

* * *

**Saçlarym desse-desse,**
**Dessesi ýere ýetse,**
**Meň doganym şol oglan**
**Maksat-myrada ýetse.**

* * *

**Semawaryň sesi bar,**
**Aýagynyň posy bar,**
**Ýör, gelneje gaýdaly**
**Agam gelen sesi bar.**

* * *

**Seýle çykar gelnejem,**
**Düwme dakar gelnejem,**
**Söwer ýaryn görende**
**Gülüp bakar gelnejem.**

* * *

**Sözenler-ä, sözenler,**
**Sözeni oda düzenler,**
**Dag-düzleri gezenler**
**Meniň didäm amanmy?**

* * *

**Sözenler-ä sözenler,**
**Içim-bagrym üzenler,**
**Sörtükden ösen ýeller**
**Jan doganym amanmy?**

* * *

**Suw akar süle-süle,**
**Gyz geler güle-güle,**
**Agamyň alan gyzy**
**Meňzeýär gyzyl güle.**

* * *

**Suw başynda suw oty,**
**Dogan müner gyraty,**
**Ata münüp ugranda**
**Görogly dek syraty.**

* * *

**Suwa gitdim saz bilen,**
**Bir bölejik gyz bilen,**
**Elim bulap getirdim**
**Öz ýeňňemi näz bilen.**

* * *

**Suwa gitdim çekmäge,**
**Oturdym suw içmäge,**
**Jan dogandan hat gelse**
**Ganatym ýok uçmaga.**

* * *

**Suwda balyk bolmazmy?**
**Suwdan çyksa ölmezmi?**
**Il içinde doganym**
**Öz halanyn almazmy?**

* * *

**Suwa gider monjukly,**
**Monjugy salpançakly,**
**Ganawuz[16] bürenjekli**
**Tur, didäme suw äber.**

* * *

**Sülgün uçup barýar-la,**
**Perin seçip barýar-la,**
**Meniň dogan, Bäşim jan**
**Gelniň geçip barýar-la.**

* * *

**Sygyr gelýär molaşyp,Ýelinleri dyňzaşyp,**
**Agam çykdy daňmagaÝeňňem çykdy sagmaga.**

– T –

**Toraňňydan bag bolmaz,**
**Gök depeden dag bolmaz,**
**Erkek dogan bolmasa**

**[16] Ganawuz — milli matalaryň bir görnüşi.**

**Ýüreklerde ýag bolmaz.**

* * *

**Tuda çykan gelnejem,**
**Tudana kakan gelnejem,**
**Öz agamy görende**
**Gülüp bakan gelnejem**

* * *

**Tut başynda tudana,**
**Gurban ony dadana,**
**Seýkin basan gelnejem**
**Öz agama sadaga.**

* * *

**Tut başynda tudana,**
**Tudanasyn iýsene,**
**Çynar boýly dogana**
**Gelniň gelýär diýsene.**

– U –

**Uzyn-uzyn haýatlar,**
**Didäm dolagyn gatlar,**
**Didäm atdan düşýänçä**
**Meniň ýüregim çatlar.**

* * *

**Urşa gitseň, aga jan,**
**Sensiz neneň oňaryn.**
**Menem äkit ýanyňa**
**Ýaralaryň daňaryn.**

– Y –

**Yssydyr-a, yssydyr,**
**Öýmüz ýoluň üstüdir,**
**O barýan gyzyl donly**
**Agam janyň dostudyr.**

* * *

**Yssydyr-a, yssydyr,**
**Howlymyz ýol üstüdir,**
**Meniň eziz doganym**
**Ýagşy ýigdiň dostudyr.**

– Ý –

**Ýaglyk ýuwdum, açyldy,**
**Seçekleri seçildi,**
**Agamdan bir hat geldi**
**Okap göwnüm açyldy.**

* * *

**Ýaglyk ýuwdum, sermedim,**
**Didäm geldi, görmedim,**
**Bu kesilmiş dillerim**
**«Alla, ýaryň?» diýmedim.**

* * *

**Ýagmyr ýagar, yz düşer,**
**Gyş gary tämiz düşer,**
**Meniň eziz agama**
**Ortamiýan[17] gyz duşar.**

* * *

**Ýany gyzyl almaly,**
**Alyp goýna salmaly,**
**Ir ýatyp, irden turarÝeňňem gaşy sürmeli.**

* * *

**Ýaňky gelen myhmany,**
**Görmediňmi gelneje?**
**Agamyň ak köýnegin**
**Ýuwmadyňmy gelneje?**

* * *

**Ýokarda Aý, gelneje,**
**Çäýnekde çaý, gelneje,**
**Agam içjek çäýnegni**
**Ýuwup gelgin, gelneje.**

* * *

**Ýol ýatyr-a, ýol ýatyr,**
**Ýol üstünde pil ýatyr,**
**Ol galanyň düýbünde**
**Agam bilen gyz otyr.**

* * *

**Ýorga ýaby ýörişli,**
**Bedew atly duruşly,**
**Meniň didäm bal Gurban**
**Uzyn boýly, gerişli.**

* * *

**Ýörse ýörişli ýeňňem,**
**Sary köwüşli ýeňňem,**
**Otursa orta ýeňňem**
**Turanda türpe ýeňňem.**

* * *

**Ýör-hä ýörişli gelin,**
**Serpaý-söwüşli gelin,**
**Öz doganmyň halany**
**Gyrma köwüşli gelin.**

---

[17] **Ortamiýan – orta boýly.**

* * *

**Ýüzük tapdym ýaşylja,**
**Owadanja gaşlyja,**
**Dünýämiň alan gelni**
**Orta boýly, işlije.**

* * *

**Ýük üstünde tabakça,**
**Içi-daşy ap-akja,**
**Dogan maňa guwanma**
**Men bir bahaly bukja.**

– A –

**Aý aýdyňdyr ýagtydyr,**
**Oýnumyzyň wagtydyr,**
**Joramyzyň ejesi**
**Goýberäýse, ýagşydyr.**

* * *

**Aý aýdyňdyr süýt ýaly,**
**Gyzlar oýnar gurt ýaly,**
**Aýjahanyň enesi**
**Ýanyp duran ot ýaly.**

* * *

**Aý gyz, saçyň sarymy?**
**Tamdyranyň tarymy?**
**Bilýänlerden sorasam**
**Öz didämiň ýarymy?**

* * *

**Aý, gyzlar baga bardym,**
**Bakjadan güller tirdim,**
**Daga çykdym boýdaşlar**
**Daglarda siller gördüm.**

* * *

**Akyp ýatan akar suwuň,**
**Sakasy men, läle jan!**
**Topar-topar gyzlaryň**
**Bikesi men, läle jan!**

* * *

**Açylmadyk sandygyň,**
**Gulpy men-ä, jora jan!**
**Geýilmedik gyrmyz donuň**
**Çapysy[18] men jora jan!**

* * *

**Aýa, Güne bakar men,**
**Gülýakamy dakar men,**
**Eziz joram Aýsoltan**
**Eliňe ýüzük dakar men.**

– B –

**Babarapda[19] baýyr ýok,**
**Otlamaga çaýyr ýok,**

**[18] Çapy – donuň syýnyna urulýan zolak mata.**
**[19] Babarap – Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda bir obanyň ady.**

**Meniň joram Jemal jan**
**Bizden size haýyr ýok.**

* * *

**Baga girene gurban,**
**Gülün tirene gurban,**
**Gyýmaz, dözmez boýdaşlar**
**Sizi görene gurban.**

* * *

**Baga girsem bolmazmy?**
**Gülün ýolsam bolmazmy?**
**Uzakdaky jorama**
**Sargyt etsem gelmezmi?**

* * *

**Bagda gül baglaşalyň,**
**Bir karar baglaşalyň,**
**Kararyndan döneniň**
**Ýüregin daglaşalyň.**

* * *

**Barýardym-la, ýol bile,**
**Gaýtardylar gol bile,**
**Sary ýaglykly gyzy**
**Saraltdylar dil bile.**

* * *

**Biz obanyň gyzlary,**
**Haly-horjun ýüzleri,**
**Öňüne tabak gelende**
**Süzülip otyr özleri.**

* * *

**Bu daglar bolanmydyr,**
**Geýenim solanmydyr,**
**«Joraň gitdi» diýdiler**
**Bilmen, çyn, ýalanmydyr.**

* * *

**Bu daglar bolmasady,**
**Geýenim solmasady,**
**Bir ölüm, bir aýralyk**
**Hiç biri bolmasady.**

* * *

**Bu daglar besse-besse,**
**Bessesine dil bitse,**
**Bizi aýra salanlar**
**Ölmänler diri ýitse.**

* * *

**Bu derýa balyklydyr,**
**Düýämiz halyklydyr,**

**Çopana gyz bermezler**
**Aýagy çaryklydyr**

* * *

**Bulut gelýär garalyp,**
**Daglar başy bürelip,**
**Näzik gyza ne boldy**
**Otyr öýde saralyp.**

* * *

**Bu gün depä çykalyň,**
**Depede läle kakalyň,**
**Boýdaş joralar bilen**
**Gülüp-oýnap bökeliň.**

– Ç –

**Çendir[20] gamyşsyz bolmaz,**
**Çendir iýmişsiz bolmaz,**
**Çendirdäki joramyň**
**Saçy kümüşsiz bolmaz.**

* * *

**Çykdym çynar başyna,**
**Ýylky ýaýdym daşyna,**
**Her elimde bir ýaglyk**
**Gönderdim boýdaşyma.**

* * *

**Çyksam daglar görüner,**
**Bedew atlar geriner,**
**Ol obanyň köçesinde**
**Meniň joram görüner.**

– D –

**Daglar başy ýorunja,**
**Gülün çeker garynja,**
**Meniň eziz joramyň**
**Boýy uzyn, bili inçe.**

* * *

**Derwezäniň kilidi,**
**Aýlanýar-la, jora jan,**
**Meniň didäm Baýmyrat**
**Öýlenýär-le, jora jan.**

– G –

**Gaýra gaýrada galdy,**
**Peýkam arada galdy,**
**Desse boýly jora jan**

---

**[20] Çendir – Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynda bir obanyň ady.**

**Bizden gaýrada galdy.**

* * *

**Gaýradan atly gelýär,**
**Telpegi hatly gelýär,**
**Meniň joram aý, gyzlar**
**Daragy batly gelýär.**

* * *

**Geýilmedik çabydyň,**
**Höwesi men, jora jan!**
**Alty ganat ak öýüň**
**Çyrasy men, jora jan!**

* * *

**Geliň gyzlar, oýnalyň,**
**Oýun gurap ýaýnalyň,**
**Oýnumyzy il görsün**
**Oýnajaklar saýlanyň.**

* * *

**Geliň, gyzlar, üýşeliň,**
**Läle kakyp gülşeliň.**
**Her kim maksadyn diläp**
**«Ýa, Biribar!» diýşeliň.**

* * *

**Geliň gyzlar, oýnalyň,**
**Gyrmyzy güli boýlalyň,**
**Gyrmyz gülli baglarda**
**Gyz-oglany saýlalyň.**

* * *

**Gel, boýdaşym, ikimiz,Ýeňňe-baldyz bolaly,**
**Aramyza dag düşse**
**Ýaşlygy ýada salaly.**

* * *

**Gowadan-a, gowadan,**
**Suwlar içdim gowadan,**
**Ähli gyzlar içinde**
**Öz boýdaşym owadan.**

* * *

**Gol ojagym guruldy,**
**Düýbüne suw duruldy,**
**Meniň joram Bahargül**
**Senden göwnüm buruldy.**

* * *

**Gökje-gökje kepderler,**
**Dal çynaryň başynda,**
**Men-men diýen ýigitler**
**Bary gyzlaň daşynda.**

* * *

**Gök kepderi uçdumy?**
**Şu köprüden geçdimi?**
**Eziz joram Amangül**
**Ýaşyl mahmal biçdimi?**

* * *

**Göç gelýär-ä, göç gelýär,**
**Bozja maýam boş gelýär,**
**Meniň joram Amantäç**
**Haýp, ara daş gelýär.**

* * *

**Gül düýbünden suw akar,**
**Şol suwa güller bakar,**
**Eziz joram Gurbangül**
**Ýaryşda üstün çykar.**

* * *

**Gulaç-gulaç gara saç,**
**Daralman galdy gyzlar,**
**Ýamana duşdy nalaç**
**Alaçsyz boldy gyzlar.**

* * *

**Gyzlar kakar läläni,**
**Egnine geýer alany,**
**Öz doganmyň halany**
**Bize beriň şu gyzy.**

* * *

**Gyzlar kakalyň läle,**
**Ekinmiz ýaşyl-ala,**
**Gyzyl güller açylarÝetişse bahar-ýaza.**

– H –

**Haly kesdim gowuja,**
**Salan nagşym göllüje,**
**Gel, boýdaşym Gülälek**
**Ýüregiň hyýallyja.**

* * *

**Hersene jan, hersene,**
**Elim urdum kersene,**
**Annabibi ak bilek**
**Meňli geldi dursana.**

* * *

**Hoz agajym düzüldi,**
**Düýbüne suwlar duruldy,**
**Meniň joram Güljemal**
**Ýat illere ýazyldy.**

– I –

**Ilerimiz dagmydyr,**
**Üsti kese bagmydyr,**
**Uçup barýan ak guşlar**
**Meniň joram sagmydyr?**

– K –

**Keýik gelýär böke-böke,**
**Ak süýdüni döke-döke,**
**Meniň joram Orazbike**
**O-da gelýär böke-böke.**

* * *

**Keteniden köýnegiň,**
**Görünmeýär bilegiň,**
**Garaňkyda ýaşasaň**
**Ýarylmazmy ýüregiň?**

* * *

**Kümüş saçy bilinde,**
**Altyn sagat elinde,**
**Jandan eziz jan joram**
**Magtymgulyň ilinde.**

– M –

**Magdanlydyr daglarmyz,**
**Miwelidir baglarmyz,**
**Joralar, dynman okaň**
**Okamaly çaglarmyz.**

* * *

**Meniň joram Gyrmyzy,**
**Saçyň derýa gunduzy[21],**
**Şöhlesi ýere düşse**
**Misli asman ýyldyzy**

* * *

**Meniň joram bagda gezer,**
**Depesinde düwme düzer,**
**Gyz-oglanlar bir-birine**
**Gaşyn kakyp gözün süzer.**

* * *

**Meniň joram dadyly[22],**
**Eli goşa kädili,**

---

[21] **Gunduz – gyralary tokaýlyk derýalarda ýaşaýan we balyk, leňňeç, gurbaga we ş.m. bilen iýmitlenýän gymmat bahaly derili kiçijik haýwan.**
[22] **Datly – süýji, tagamly.**

**Aý ýanynyň ýyldyzy**
**Gelin ýanynyň baldyzy.**

* * *

**Meniň joram gelsene,**
**Keten köýnek geýsene,**
**Keten köýnek bukjada**
**Bökejen köwüş tekjede.**

– S –

**Saýawan-a, saýawan,**
**Saýawana men gurban,**
**Eziz joram Dünýägözel**
**Sallanşyňa men gurban.**

* * *

**Sary gawun bişipdir,**
**Sapagyndan düşüpdir,**
**Meniň joram, aý, gyzlar**
**Ýat illere düşüpdir.**

* * *

**Semawarym bolsady,**
**Gaýnap sesi gelsedi,**
**Gök çaý içip otyrkam**
**Boýdaşlarym gelsedi.**

* * *

**Suwda sülük[23] bolmazmy?**
**Suwa giden gelmezmi?**
**Al öýmäni ykdyryp**
**Meniň joram gelmezmi?**

* * *

**Sülgün suwa gelmezmi?**
**Suw içmese ölmezmi?**
**Sülgün boýly boýdaşlar**
**Göresiňiz gelmezmi?**

– T –

**Taýdyrgan-a, taýdyrgan,**
**Taýyp düşdüm, läle jan!**
**Ak ellermi gaýşardyp**
**Mahmal biçdim, läle jan!**

* * *

**Tahýa tikdim bellije,**
**Salan nagşym güllüje,**
**Gel, boýdaşym, Akjagül**

---

[23] **Sülük – ýapyşan haýwanlarynyň ganyny sorup ýaşaýan süýji suw gurçugy.**

**Läle aýdaly bileje.**

* * *

**Tut başy pudar-pudar,**
**Kölgesi durman gider,**
**Meniň joram aý, gyzlar**
**Bir gelip görmän gider.**

– U –

**Uzyn-uzyn arçalar,**
**Içim-bagrym berç alar,**
**Meniň joram sagmydyr**
**Habar beriň, serçeler!**

– Ý –

**Ýaglyk ýuwdum açyldy,**
**Seçekleri seçildi,**
**Öz joramyň toýunda**
**Gamgyn göwnüm açyldy.**

* * *

**Ýagyş ýagar çöllere,**
**Suwlar dolar köllere,**
**Meniň joram, aý, gyzlar**
**Düşüpdir ýat illere.**

* * *

**Ýel gelýär-ä, ýel gelýär,**
**Dag başyndan sil gelýär,**
**Meniň joram Aýjemal**
**Ellerinde gül gelýär.**

* * *

**Ýel öwser-ä, ýel öwser,**
**Bulut oýnar, ýel öwser,**
**Meniň joram Aýsoltan**
**Aýa meňzär, gül öwser.**

– A –

**Agaçlar nar getirdi,**
**Guşlar habar getirdi,**
**Gelmän geçen ganymlar**
**Agalarymy ýitirdi.**

* * *

**Akar suwuň balygy,**
**Ak düýäniň halygy[24],**
**Enem-atam sag bolsa**
**Men öýmüziň läligi.**

* * *

**Ala dagyň arçasy,**
**Mawut donuň parçasy,**
**Atam-enem gül bolsa**
**Men ol gülüň gunçasy.**

* * *

**Alla meni guş etse,**
**Ganatym kümüş etse,**
**Çölden-çöle aşyryp**
**Öz obama duş etse.**

* * *

**«Araba geçdi» diýdiler,**
**«Teňňe seçdi» diýdiler,**
**Düýebaşlygyn bezäp**
**«Gelin geçdi» diýdiler.**

* * *

**Arabadan at bolmaz,**
**Ýorunjadan ot bolmaz,**
**Ilimize gideliň**
**Gaýry ýurtdan ýurt bolmaz.**

* * *

**Asmandaky ner bulut,**
**Saňa aşyk ýer bulut.**
**Asmandaky käriň näme?**
**Ýere döküýäň der bulut.**

* * *

**Ata gazyk kakarlar,**
**Sowuk süýtden ýakarlar,**
**Dogry gelen myhmana**
**Gujak açyp çykarlar.**

---

[24] **Halyk – howudyň aşagyndan düýäniň arkasyna atylýan ortasy deşik keçe.**

* * *

**Ahal gala kendimiz,**
**Dört ýany gül bendimiz,**
**Biz Ahaldan aýrylsak**
**Saralar gül reňkimiz.**

* * *

**Aýagynda ak paşmak[25],**
**Kyn bolýar dagdan aşmak,**
**Biziň aljak gelnimiz**
**Uzyn boýly uz ýaşmak.**

– Ç –

**Çal tüýdügim, çatlasyn,**
**Gaýtar, goýnuň otlasyn,**
**Öz ilimden aýranyň**
**Akyl-huşy çatlasyn.**

* * *

**Çarwadardyr ilimiz,**
**Guşaklydyr bilimiz,**
**Meýdanda ot bolmasa**
**Hor-homsudyr malymyz.**

* * *

**Çoganlydyr ilimiz,**
**Kändir atyz-çilimiz,**
**Atyz-çile aýlanyp**
**Berk guşalyň bilimiz.**

* * *

**Çykdym çynar başyna,**
**Oturdym güneşine,**
**Her elimde bir ýaglyk**
**Iberdim deň-duşuma.**

* * *

**Çykdym çemen bagyna,**
**Gygyrdym gül bagyna,**
**Gyz oglanyň dodagy**
**Meňzär guýruk ýagyna.**

– D –

**Dagda bugdaý sererler,**
**Çykma, boýuň görerler,**
**Gulaç-gulaç saçyňa**
**Heýkel bagy[26] düzerler.**

---

**[25] Paşmak – köwüş.**
**[26] Heýkel bagy – gartaşan aýallaryň gerdenlerinden aşyryp, ýanyn dakynýan gaýyş gapjygy.**

* * *

**Dag başynda ot ýanar,**
**Köwlenip başy ýanar,**
**Ýada gyzyn bereniň**
**Ýüregniň başy ýanar.**

* * *

**Dama-dama köl bolar,**
**Hiç dammasa çöl bolar,**
**Gyzdan alnan mallar**
**Göýä ösen ýel bolar.**

* * *

**Depä çykdym garandym,**
**Alyn saçym darandym,**
**Alyn saçym al ýüpekÝeňse saçym çil ýüpek.**

* * *

**Duşmanlary kowsamdym,**
**Bukaw süňkün döwsemdim,**
**Mert ýigidi baş edip**
**Gözlerini oýsamdym.**

* * *

**Duşmanlary urdular,**
**Agyr toplar gurdular,**
**Watansöýer ogullar**
**Döşün gerip durdular.**

– E –

**Ekin bize nan berer,**
**Egnimize don berer,**
**Yhlas bilen işlesek,**
**Şöhrat berer, şan berer.**

* * *

**Ekin ekdim gördüler,**
**Gögermänkä ordular,**
**Açylmadyk ter güldüm**
**Hazana dönderdiler.**

– G –

**Gaýrada maýa bozlar,**
**Maýa köşegin gözlär,**
**Köşegini tapmasa**
**Kesip bagryny duzlar.**

* * *

**Gaýradan-a, gaýradan,**
**Käkiljigin saýradan,**
**Ak göwsüniň üstünde**
**Çapraz-çaňňa ýaýradan.**

* * *

**Gaýra-gaýra bakarlar,**
**Dokma darak kakarlar,**
**Düz meýdana çykanda**
**Çopanlar ot ýakarlar.**

* * *

**Gaýramyzda suw akar,**
**Aýlanyp serhoş akar,**
**Janym çarwanyň gyzy**
**Gözenekden gaş kakar.**

* * *

**Ganym gelip ýetişdi,**
**Iki goşun sataşdy,**
**Çydamadyk namartlar**
**Sypba-sypba gaçyşdy.**

* * *

**Geliň, gyzlar üýşeliň,**
**Dokmamyzdan düşeliň,**
**Deň-duş gyzlarmyz bilen**
**Jak-jaklaşyp gülşeliň.**